# Hoş örütdüň

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Hoş örütdüň HOŞ ÖRTDÜŇ



Adam ogly sen dünýä! neçün köňlüň hoş örütdüň,
Pany biwepa sürünip, ömüre hyýal ýuwurtdyň,
Nebis atyňy çapdyryp dünýe mala yş ýörütdüň,
Zamanada ar namys haýa şerden daş etdiň,
Ynsan köňül wyždanyn porsadyban neýletdiň.
Erkeginde agraslyk, hany haýa, ar-namys,
Zenanynda ne wepa, utanç, ynsap, binamys,
Hyýallaryň hyzmyndan iman, ygrar, lebiz pis,
Haýa ahlak bozulmyş, akyl-huşym hor näkes,
Dertli köňlüm gam serip, däli seýran eýletdiň.

Gardaş bilen gardaşyň didarlary dat puşman,
Söwer ýaryň köňlüni seýil bozdy gün ýaşman,
Dost ýakynyň meýili dünýä serine ýaraşman,
Ykbal satyp alyp dur, şu güne, ertä garaşman,

Seni söýdüm eý dünýäm güldürtmeýin ýyglatdyň.

Seni söýdüm her säher köňülleriň seri üçin,
Sende köýdüm her bahar yşgyň şerbeti nüçin,
Haýyrym şerim bir jamda ýalandymy ýada çyn,
Biz ýigitniň köňlüne saldyň hasap nebisi gün,
Dolan kyrk bäş ýaşymy ýöretmeýin ylgatdyň.

Halmyrat sen bu ömrüň ol melgunyň kerebine,
Bilip özüň düşürseň, melgun borsyn deregine,
Ýanar sen, köýer sen, münüp ataş küregine,
Eý dünýäm sen meniň hoşsyň ýüregime,
Ykbalym, kysmatym nämä bagly etdiň. Goşgular